XXI asyr sanly ösüşiň, ýokary tehnologiýalaryň hem-de intellektual ykdysadyýetiň asyry hökmünde dünýäniň ösüş ýoluny kesgitleýär. Häzirki zaman jemgyýetinde sanly tehnologiýalaryň orny barha artýar. Bu ýagdaý dünýä ýurtlarynyň ykdysadyýetini sanlylaşdyrmaga itergi berýär. Türkmenistan hem bu ugurda öňdebaryjy başlangyçlary bilen tapawutlanýar.

Sanly ykdysadyýet giň düşünje bolup, döwlet dolandyryşyndan başlap, bank ulgamyna, bilimden saglygy goraýşa, senagatdan oba hojalygyna çenli ähli pudaklaryň sanly esasda ösdürilmegini öz içine alýar. Bu ulgam arkaly işleriň netijeliligi ýokarlanýar, hyzmatlar elýeterli bolýar, maglumat alyş-çalyş tizleşýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan "Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy" bu ugurda möhüm ädimdir. Maksatnama esasynda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda sanly ulgamlaryň ornaşdyrylmagy, maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilmegi, elektron hyzmatlaryň giňeldilmegi we ýaşlaryň sanly sowatlylygynyň ýokarlandyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Sanly ykdysadyýetiň täsiri diňe döwlet derejesinde däl, eýsem raýatlaryň gündelik durmuşynda-da duýulýar. Meselem, elektron söwda arkaly öýden çykmazdan haryt satyn almak mümkinçiligi döredilýär. Onlaýn bilim çeşmeleri bilen islendik ýaşdaky adam öz ukybyny ösdürip bilýär. Sanly bank hyzmatlary arkaly nagt däl hasaplaşyklaryň giňden ulanylmagy hem halkymyzyň gündelik işlerini ýeňilleşdirýär.

Bu mümkinçilikler halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna, wagt tygşytlamaga we ykdysady işjeňligiň artmagyna ýol açýar. Sanly ykdysadyýet — döwrebap jemgyýetiň binýady, ösüşiň hereketlendirijisi hökmünde ýurdumyzyň geljegine giň ýol açýar.

**Aýmanjan ATAJANOWA**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş**
**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026